# Ugurtapyjy towşan hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ugurtapyjy towşan hakynda hekaýat UGURTAPYJY TOWŞAN HAKYNDA HEKAÝAT




*(Jelaleddin Rumynyň rowaýat şekilinde ýazylan gazallaryna öýkünme)*
Dagyň jülgesiniň uly köwegi,
Opurlan, açylyp siliň böwedi.

Çünki garlar dumly-duşda eränmiş,
Sil suwundan ullakan gorp düränmiş.

Bada görünmänsoň haýwan gözüne,
Gaçanmyşlar gorpa yzly-yzyna.

Ugyr tapman, çykyp bilmänem galan,
Birnäçe gün şol oý haýwandan dolan.

Gaplaňmy, tilkimi, gulandyr, möjek,
Garaz çukur doly, haýsysyn diýjek!

Bolmansoň bu gorpdan çykmaň alajy,

Bir-birne sereden haýwanlaň ajy.

“Iýäýmesek indi biri-birmizi,
Açlyk uzak saklap durjak däl bizi!”-

Diýip, bir-birege syrly garanlar,
Ençe wagşy, şonça ejiz haýwanlar.

Haýbat, gorky gaplan için çukuryň,
Kim iýjek, kim galjak, ediň pikirin!

Nije aç hem gorkunç gözleriň bary,
Ilki gönügenmiş towşana sary.

Özüne gönügen wagşy gözlerden,
Towşan tapan, gaçmaň alajyn birden.

Ýolbarsyň golaýna baranmyş ylgap,
Hem diýenmiş öň aýajygny galgap:

“Ýolbarsy iýmäge milt etse biri,
Omuryp boýnuny, kerçärin diri!”

Lap edilen sözler ýaranmyş şire,
Hem towşany halas edenmiş hile.

2021 ý. Goşgular